Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## *3. SÖZÜŇ ASYL WE GÖÇME MANYSY*

Köp manyly sözler asyl we göçme manyda ulanylýar. **Meselem:** düz sözüniň asyl manysy nahara atylýan ýiti tagamly zady—jisimi aňladýar.

Eger «Seniň sözüň duzy ýok» diýsek, onda düz sözi göçme manyda gelýär. Nahara duz atylmasa, onuň duzy bolmasa, bu naharyň tagamynyň bolmaýşy ýaly, duzsuz sözüň hem manysy, ugur-utgasy bolmaýar.

Göçme manyly sözde aňladylýan pikiri birbada aňlap bolmaýar, ony oýlanyp aňlamaly bolýar.

**374-nji gönükme.** Göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň asyl manysynyň aşagyna bir çyzyk, göçme rnanysynyň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

1.Biz naharhana bardyk, nahar edindik, ýöňe onuň duzy köpräk düşüpdir. Oraz Meredi şeýle bir **duzlady**, gaýdyp geplemez ýaly etdi.

2.Düýe gelýär, **köşegini** daňyň! Ejesi Myrat jany naharlady, geýindirdi, soňra:

—Bar, **köşegim**, daşarda ýoldaşlaryň bilen bir salym oýna— diýdi.

3. Enem magazinden **ýiti** pyçak aldy. Sähet örän **ýiti** oglan.

* * * *

**375-nji gönükme.** Aşakdaky sözleriň asyl manysyny düşündirip beriň. Soňra olary asyl we göçme manylarda sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.

Guzy, kütek, duz.

* * * *

**376-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň yz ýanyndan ýaýyň içinde olaryň asyl manysyndadygyny (asyl) ýa-da göçme manydadygyny (göçme) görkeziň.

1.**Magtymguly** beýik şahyrdyr. Sen **Magtymgulyny** okadyňmy?

2.Bu barýan masynyň ýüki **agyr**. Hydyryň ýüzi bu gün örän **agyr** görünýär.

3.Baharda meýdanlar gögerýär, **gül** köp bolýar. Ejesi gyzjagazyny:

— Jeren jan, **gülüm**, bäri gel! — diýip çagyrdy.

* * * *

**377-nji gönükme.**Okaň we has gara ýazylan sözleriň haýsy ýerde öz asyl manysyndadygyny, haýsy ýerde göçme manydadygyny aýdyp beriň.

1.Nahara **duz** atyň, ýuwan bolmasyn. **Duzly** nahar iýmek hem peýdaly däl. Bu oglanyň dili gaty **duzly**, habar gatar ýaly däl. Emma garagol Sapbynyň sözüniň **duzy** ýok, ýuwan, çünki ol kitaplary, çeper eserleri okamaýar, goşgulary, nakyllary ýat tutmagy islemeýär.

2.Bu pyçak örän **ýiti**, häzir bol. Saparyň zehini **ýiti**, ol köp okaýar, krosswordlary tiz çözýär. Magtymgulynyň goşgulary **ýiti** setirli goşgulardyr.

* * * *

**378-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Degişli sözleriň haýsy sözlemde öz asyl manysynda, haýsy sözlemde göçme manyda ulanylandygyny aýdyp beriň.

Pagtaçylar üçin tagamly nahar taýýarladylar. Onuň özüni alyp barşynyň ugry ýok. Adamyň dili örän möhüm gep organydyr. Eger seniň sagadyň dili döwlen bolsa, ony bejertmek gerek. Orazjemalyň hünji ýaly ak dişi bar. Meniň daragymyň dişi döwlüpdir.

Turkmenkultur.com